

Kadalaşdyryjy resminamalar:

1) Türkmenistanyň ADÝ boýunça Döwlet toparynyň 2011-nji ýyla iş meýilnamasy (3-nji bap, 9-njy bent)
2) "Türkmenistanyň orta mekdepleriniň 9-10-njy synplary üçin ýaşaýyş howpsuzlygynyň esaslary" dersi boýunça okuw maksatnamasy (2009-njy ýyl, 2-nji bölüm, 4-nji bent)
3) Türkmenistanyň orta mekdepleriniň 6-njy synplary üçin ýaşaýyşy öpjün etmek boýunça okuw kitaby (2010-njy ýyl, 4-nji bap, 21 22 25-nji paragraflar)

TÜRKMENISTANYŇ GYZYL ÝARYMAÝ MILLI JEMGYÝETI

DEUTSCHES ROTES KREUZ

Humanitarian Aid and Civil Protection

International Federation of Red Cross and Red Crescent Societies

Ynsanperwer kömegi we raýat goragy baradaky Ýewropa toparynyň Baş Direktoraty Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinden daşaryda bolup geçýän tebigy betbagtçylyklar hem-de dawalar sebäpli ejir çekenlere kömek bermek boýunça alnyp barylýan çäreleri meýilleşdirýär. Berilýän kömek adalatly ýerine ýetirilýär, ýagny, ejir çeken adamlaryň milletine, etniki gelip çykyşyna, dinine, jynsyna we ýaşyna, milli we syýasy garaýyşlaryna garamazdan, göni mätäç adamlara gönükdirilendir.

"Bu dokument Ýewropa Bileleşiginiň maliýeleşdirilmegi esasynda taýýarlanyldy. Bu dokumentde görkezilen pikirler hiç hili ýagdaýda Ýewropa Bileleşiginiň resmi garaýşy hökmünde seredilip bilinmez hem-de Ýewropa Iş topary bu dokumentde görkezilen maglumatlaryň ulanylmagyna jogapkärçiligi çekmeýär".

TKP № 43 2015



Tebigy betbagtçylyklar boýunça okuw gollanmasy

Tebigy betbagtçylyklar hakynda düşünje

Tebigy betbagtçylyk munuň özi duýdansyz, akgynly, adamlaryň ýaşaýşy we saglygy üçin örän howply hadysadyr.

Tebigy betbagtçylygyň öňüni alyp bolmaýar, ýöne taýýar bolmaly we taýýarlyk görmeli.

Tebigy betbagtçylyklara şular degişlidir:

- Ýer titreme
- Suw joşma
- Sil alma
- Güýçli şemal
- Çägeli tupan



I. Ýer titremeler


a) Näme üçin ýer titremeler temasynyň möhüm ähmiýeti bar?
b) Ýer titremeler neneňsi ýüze çykýar?
c) Ýer titremede ýüze çykýan agyr şikesleriň esasy sebäpleri?
d) Ýer titremä nähili taýýarlyk görmeli?
e) Ýer titreme wagtynda näme etmeli?
f) Ýer titreme wagtynda näme etmek bolmaýar?
g) Ýer titremeden soň näme etmeli?

Türkmenistanyň tas bütin çägi, esasan daglyk we dagetek welaýatlary seýsmiki taýdan howplydyr Şol sebäpli biz ýer titremeleriniň we onuň bilen utgaşykly hadysalaryň (afterşoklaryň ikilenç titremeler, opurylmalar, ýeriň süýşmegi, lawinalar, sil alma, ýangynlar, heläkçilikler we daşky gurşawyň howply himiki maddalar bilen zäherlenmegi) neneňsi howplydygyny bilmelidiris.



Türkmenistanyň seýsmologiki kartasy

Ýer titremeler nähili ýüze çykýar?



Ýer 3 sany esasy elementden (geosferadan) ybaratdyr: ýer gabygyndan, mantiýadan we maňyzdan

Ýeriň daşky gaty gabygy jaýrylan ýumurtga gabygyna meňzeşdir we litosfera plitalary diýlip atlandyrylýan uly we kiçi böleklerden ybaratdyr. Şol plitalar göräýmäge gymyldysyz bolsalar-da, hemişe hereketdedir. Sürtelmeler herekete päsgelçilik döredýär, emma hereketiň sürtülme energiýasy kem-kemden toplanýar we dag jynslarynyň pugtalyk derejesinden geçenden soň, olar birden weýran bolýar we ýer titreme ýüze çykýar. Adatça, ýer titreme birden başlaýar, şonuň üçin-de oňa öňünden nähili taýýarlanmalydygyny we ýer titreme wagtynda özüňi neneňsi alyp barmalydygyny bilmek möhümdir.





1948 ý. Aşgabatdaky ýer titremesi

2010 ý. Gaitidaky ýer titremesi



Ýer titremelerde agyr şikesleriň esasy sebäpleri şulardyr:

- binalaryň ýa-da olaryň aýry-aýry böleklériniň weýran bolmagy
- jaýyň içinde agyr zatlaryň (şkaflar, lýustralar, kitap tekjeleri) gaçmagy
- elektrik tok bilen şikeslenmek (elektrik geçirijiniň üzülmegi we otlanmagy)
- bugly ýyladyjynyň turbalarynyň ýarylmagy (ýanyklar)
- gazyň syzyp çykmagy we onuň ýalynlamagy ýa-da partlamagy
- ruhy şikeslenme (şok)



Täze Gwineýadaky partlawynyň atylyp çykmasy


1996 ý. Ýaponiýadaky ýer titremesi



Ýer titremä nähili taýynlyk görmeli?



- jaýdaky iň howpsuz ýerleri kesgitlemeli we howpsuz ýagdaýy tiz kabul etmek üçin türgenleşik geçirmeli
- ýaralap ýa-da geçelgäni böwetläp biljek agyr zatlary berkitmeli



- mebeli penjireden daşraga aýyrmaly we penjireleri ştoralar ýa-da içki žalýuzi bilen perdelemeli


- gazy, togy, suwy we ýyladyjylary öçürip bilmeli
- ata-eneler gelýänçä, jaýdan oкuwçylaryň meкdebiň çäginde ýygnanmaly ýerine çykar ýaly has gysga we howpsuz ýollary bilmeli





- içinde aşakda ady agzalan zatlar bolan el degrilmesiz ätiýaçlykly goş haltany taýýarlamaly

- ata-eneler we garyndaşlar bilen aragatnaşyk saklar ýaly maglumat ýazylan hat,
- saglyk ýagdaýy hakynda kagyz.





- üç günlük önümler (köke, şokolat, kakadylan çörek, suw)
- batareýlerde işleýän fonar we radio
- jürlewük
- içýän dermanyň

Ýer titreme wagtynda näme etmeli?



- ýer titreme wagtynda howpsyz ýerde oturyp, kelläňi elleriň ýa-da ýassyk bilen goramaly (otagyň içki burçy, direg sütüni, stoluň ýa-da partanyň aşagy, diwanyň ýa-da kürsiniň gapdaly)

- radio ýa-da telewideniýe boýunça habar beriş duýduryşlaryna diň salmaly we golaýyňdaky ejir çekenlere ilkinji kömegi bermeli



Ýer titreme wagtynda nämäni etmek bolmaz?




- aljyraňňylyga düşmäň we ony döretmäň
- ikinji we ondan ýokarky gatlarda wagtyňyz binadan çykmaly däl
- binadan çykmaň we oňa golaýlaşmaň

- basgançaga, balkona çykmaly däl, lift ulanmaly däl
- gaz we elektrik enjamlaryny ulanmaly däl
- oduň açyk çeşmelerini ulanmaly däl
- awtoulagdan çykmaly däl



Ýer titreme sowlanyndan soň näme etmeli?



- parahatlygy elden bermeli däl we aljyramaly däl
- gazy, togy, suwy we ýyladyşy öçürmeli
- mugallymyň ýa-da ulynyň buýrugy bilen binadan çykmaly

- ýanyň bilen ätiýaçlykly goşhaltany almaly
- howluda howpsuz ýeri eýelemeli we ýakynlaryňyz ýa-da halas edijiler gelýänçä ol ýerden gitmeli däl
- ejir çekenlere ilkinji kömegi bermeli



II. Suw basma we sil alma

Suw basma diýlip derýa, köle ýa-da suw howdanyna ýanaşyk ýerleriň suw bilen basylmagyna düşünilýär. Suw basma uly maddy ýitgilere getirýär, adamlaryň saglygyna zeper ýetirýär we olaryň ölümine sebäp bolýar.

Suw basmanyň esasy sebäpleri şulardyr:

- güýçli we dowamly ýagyş
- garyň we buzuň çalt eremegi
- derýalarda böwetleriň emele gelmegi, suw howdanlarynyň böwsülmegi

Suw howdanlarynyň böwedi böwsülende köp meýdany suw basmagy mümkin



1989 ý. Germaniýadaky sil

2003 ý. ABŞ-daky suw joşguny



Suw basanda näme etmeli?

-suw basma howpy abananda edaralaryň hemmesinde iş bes edilýär, adamlary howpsuz ýerlere çykarmaly,

-suwy, gazy, togy öçürmeli, oduň gyzgynlykly çeşmelerini öçürmeli,

-ýanyň bilen şahsy resminamalary, puly, gymmatlyklary, dermanhanajygy, iýmitiň üç günlük ätiýaçlygyny, çalşyrlyk köwüş we egin-eşik almaly we olary suw geçmejek bukja ýa-da goşhalta salmaly

-ewakuasiýa edilýän ýere barmaly

Öýde wagtyňyz suw bassa:

-aljyraňňylyga düşmeli däl,

-tizden-tiz howpsyz belent ýere (jaýyň üçegi, binalaryň ýokarky gatlary) geçmeli we ewakuasiýa taýýar bolmaly (ýokaryňa seret)

-gijelerine yşyklandyryjy esbaplar (fonarjagaz, lampa) bilen ýagtylandyr, gündizine bolsa, göze ilginç ak ýa-da reňkli mata bölegini asyp goýmak bilen betbagtçylyk duýduryşlaryny bermeli



2005 ý. Ukrainadaky suw joşguny

Suwa gaçan bolsaňyz:

- elasty zatlary (tagtalar, togalak agaçlar, agaç döwükleri we ş.m.) ulanmak bilen akyma burç astynda golaýdaky belentlige tarap ýüzmeli

Suw basandan (joşandan) soň:

- öýe gaýdyp geleniňizde, gurnawynyň bozulmagy zerarly binanyň howp döretmeýändigine göz ýetirmeli
- jaýlary gözden geçireniňizde şem ýa-da kükürt ulanmaly däl
- hünärmen gelýänçä gazy we togy açmaly däl

Ilkinji kömek berlende, ejir çekeni suwdan çykarmaly, öýkenini we aşgazanyny suwdan boşatmaly, ony ýylatmaly, onuň ýürek we dem alyşyny işletmeli



2001 ý. Hindistandaky suw joşguny

2008 ý. Italiýadaky suw joşguny



III. Sil alma.

Daglyk deŕyalaryň hanasynda suw garyndysyndan we dag jynslarynyň döwüklerinden emele gelýän okgunly hana akymyna sil diýilýär.

Olar duýdansyz emele gelýänligi, birden ýokary göterilýänligi we suwynyň gaýtgyny bilen tapawutlanýar we çagbaly ýagyş bilen baglanyşykly bolýar. Türkmenistanyň daglyk we dagetek etraplary siliň has köp ýüze çykýan ýerleridir.

Sil adamyň ömrüne we hojalyk desgalaryna uly howp salýar.

Dürli desgalaryň suw basmagy we weýran bolmagy uly maddy zyýan ýetirýär.

Döwlet sil goragy desgalarynyň gurluşygyna, ilatly nokatlaryň we hojalyk desgalarynyň goralmagyna uly güýç sarp edýär.



2009 ý. Naýrobidaky sil

2001 ý. Tailandaky sil



Ondan başga-da, ilaty habardar etmek we duýdurmak ulgamlary guralýar, ilaty we maddy gymmatlyklary belent ýerlere çykarmak üçin ugurlar öňünden işlenilip taýýarlanylýar.

Adatça, sil alma howpy hakynda ilata birnäçe minut öňünden, kähalatlarda bolsa, 1-2 we ondan köp sagat öňünden duýdurylýar.

Sil akymynyň golaýlaşýandygyny ýetip gelýän otlynyň sesini ýatladýan daşlaryň we togalak daşlaryň biri-birine urulýan häsiýetli sesinden aňyp bolýar.

Adam sil akymyna düşen halatynda oňa dessine ýüp, tanap, agajyň ýogyn şahasyny oklamaly we akymyň ugry boýunça kem-kemden kenara golaýlaşdyrmak bilen çykarmaly.



2009 ý. Sahalindaky sil

2008 ý. Ukrainadaky sil



IV.Güýçli şemal (tupan, harasat, tüweleý, tozanly tupan)


Ady agzalan meteorologik hadysalar Türkmenistanyň bütin çäginde, ýylyň islendik paslynda duş gelýär we uly zyýan ýetirýär:

- Köpetdag etek düzlüginde, daglarda şemalyň tizligi sekuntda 40 metre ýetýär
- Tejen jülgesinde sekuntda 50 metre

Tüweleý Amyderýa jülgesinde gabat gelýär we onuň tizligi sekuntda 70 metre ýetýär.

Güýçli şemal siklon sebäpli ýüze çykýar. Güýçli ýagynly has güýçli şemal siklon regenerasiýasy halatynda, haçan-da ol arktiki front bilen bir giňişleýin zolaga birigende ýüze çykýar.

2001 ý. Hytaýdaky tozanly-sowurýan tupan



Günortadan Türkmenistanyň çäklerine tozanly siklonlaryň çykmagy bilen Arap we Eýran çöllerinden gelýän gelmişek-tupanlar baglydyr. Ümsümlik döwürlerinde bolup geçýän güýçli gubar hem onuň bilen baglydyr. Şu hadysalaryň ikisi hem adatdan daşary meteorologik hadysalara degişlidir.

Tozanly tupan Türkmenistanyň oazislerinde, Hazaryň kenarýakalarynda we Garagumda adaty ýagdaýdyr. Ortaça ýylyň tozanly tupanly 35 güni Türkmenbaşynyň, 42 güni Aşgabadyň, 43 güni Serdar şäheriniň, 56 güni Mollagaranyň, 67 güni Balkanabat şäheriniň we 60 güni Repetegiň paýyna düşýär.



2007 ý. ABŞ-daky tupan



1999 ý. Meksikadaky tozanly-sowuryan tupan

Ýetip gelýän tupanyň alamatlary şulardyr:

- howanyň üýtgemegi
- atmosfera basyşynyň birden düşmegi
- duýdansyz ümsümlik
- güýçli harasat
- ýeliň aram-aram güýçlenmegi
- daşdan eşidilýän gümmürdi we ýyldyrym çakmagy
- duýdansyz bulutlylyk
- guşlaryň we mör-möjekleriň ýitmegi
- meteorologiýa bagly adamlarda kellewe ýürek agyrylarynyň peýda bolmagy



2006 ý. Merkezi Amerikadaky tupan, älemden alnan surat



2006 ý. Gaitidaky tupan



2006 ý. Kubadaky tupan

Yetip gelýän tupana nähili taýýarlanmaly?

Tupan duýduryşy alanyňdan soňra şulary ýerine ýetirmek möhümdir:

- jaý üpjünçiligi
- goňşulary ýetip gelýän tupan hakynda habardar etmeli
- penjireleri we gapylary, gapylar we şitler bilen ýapmaly
- jaýy tokdan aýyrmaly, gazy öçürmeli, oduň açyk çeşmelerini söndürmeli
- ot söndüriji serişdeleri taýýarlamaly
- penjirelerden we döwülýän zatlardan daşrakda bolmaly
- radio we tele habarlary diňlemeli
- jaýdan mejbury çykmaly bolanyňda öz maglumatlaryňy galdyrmaly



2006 ý. Meksikadaky tupan

1998 ý. Moskwadaky tupan

